***Ýakynda Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň bilelikde yglan eden «Bagy-bossanlyga we gülzarlyga beslenen iň gowy çagalar bagy» atly bäsleşigiň Mary welaýat tapgyry geçirildi. Oňa etrap, şäher derejelerinde saýlanan çagalar bakja-baglary gatnaşdy. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek syýasatyny durmuşa geçirmek, daşky gurşawy goramak boýunça alnyp barylýan işlere ýaş nesliň gatnaşmagyny gazanmakda, çagalarda daş-töwerek we tebigat bilen bagly düşünjeleri ösdürmekde, ekologiýa medeniýetini kämilleşdirmekde ýokary ähmiýete eýe bolan bu bäsleşik Halkara Bitaraplyk gününe bagyşlanýar.***

Mary şäheriniň 12-nji çagalar bakja-bagynda geçirilen bäsleşigiň welaýat tapgyrynda bäsleşige gatnaşyjylar degişli düzgünnamanyň şertlerine laýyklykda, bilim edarasynda bagy-bossanlyga degişli işleriň ýola goýluşy, binanyň howlusynda, daş-töwereginde, oýun meýdançalarynda arassaçylyk kadalarynyň berjaý edilişi, baglaryň we gülleriň ösdürilip ýetişdirilişi, çagalarda ekologiýa terbiýesiniň kemala getirilişi we wagyz-nesihat çäreleriniň guralyşy, toparlarda «Tebigat» burçlarynyň döredilişi, baýlaşdyrylyşy we peýdalanylyşy, bu babatda ata-eneler bilen bilelikdäki işleriň guralyşy bilen bagly suratlar, wideolar, şekilli görnüşler bilen tanyşdyrdylar.





Bäsleşik çagalaryň döredijilik çykyşlary bilen hem utgaşdyryldy. Onda körpeler tebigat hakdaky düşünjelerini, ýurdumyzyň gözelligine, bagy-bossanlygyna, bakja-baglaryna bolan

Все права защищены

söýgülerini, päk garaýyşlaryny çeper sözleriň, sahnalaşdyrylan çykyşlaryň üsti bilen beýan etdiler. Emin-agzalaryň gelen netijelerine laýyklykda, Mary etrabynyň 5-nji çagalar bakja-bagy, Mary şäheriniň 12-nji çagalar bakja-bagy, Ýolöten etrabynyň 9-njy çagalar bakja-bagy degişlilikde birinji, ikinji we üçünji orunlara mynasyp görüldi.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň ählihalk bag ekmek dabarasynyň güýzki möwsüminiň dowam edýän günlerinde geçirilen bu bäsleşigiň Mary welaýat tapgyry ýeňijileriň sylaglanmagy, iň asylly we ajaýyp işlerde belent görelde görkezýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş sözleriniň aýdylmagy bilen dabaraly ýagdaýda jemlendi.

**Aýna NURÝAGDYÝEWA,**
**Mary welaýat Baş bilim müdirliginiň baş hünärmeni.**

Все права защищены